**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 10-njy oktýabryndaky № 95 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-ylym «Ylmy-tehniki işleriň ýerine ýetirilişi barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-ylym forma boýunça hasabaty özbaşdak balansda duran hojalyk hasaplaşygyndaky we býujetdäki ylmy we konstruktorçylyk edaralar şeýle hem, eýeçiligiň görnüşine garamazdan hasabat ýylynda ylmy - tehniki işleri ýerine ýetirýän birleşikler, kärhanalar, ýokary okuw jaýlary, taslama hem-de taslama-konstruktorçylyk edaralar we beýleki guramalar tabşyrýarlar.

Ylmy-tehniki işlere ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk, tehnologiki, gurluşyk üçin taslama işler, önümleriň nusgalaryny taýýarlamak, ylmy-tehniki hyzmatlar degişlidir.

Eger-de, edaranyň özüne degişli, düzüm birlikler ýaly hereket edýän we özbaşdak balansda durmaýan şahamçalary, bolümleri we beýleki bölümçeleri bar bolsa, onda şol düzüm birlikler boýunça maglumatlar guramanyň hasabatyna goşulýar. Eger-de şolar ýaly şahamçalar, bölümler we beýleki bölümçeler özbaşdak balansda duran bolsa, onda olar № 1-ylym forma boýunça aýratyn hasabat tabşyrýarlar.

## 1 BÖLÜM.
## YLMY-TEHNIKI IŞLERIŇ ÝERINE ÝETIRILIŞI

01-nji setirde hasabat ýylynda ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň tabşyrygy, şertnamalar boýunça ýerine ýetirilen, gutarylan we gutarylmadyk ylmy-tehniki işleriň möçberi hakyndaky maglumatlar berilýär.

Işiň möçberi täze tehnikany, tehnologiýany, materiallary döretmek, öndürmek, getirmek we ylmy-tehniki hyzmatlary etmek boýunça sargytçylar bilen edilen şertnamalaryň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Ylmy-barlag we konstruktorçylyk guramalary ýokarda görkezilen işiň möçberiniň düzümine girmeýän, kärhanalar, birleşikler, guramalar üçin ýerine ýetirilen ylmy-tehniki işleri, şonuň ýaly-da ilat üçin tölegli hyzmatlary hem goşýarlar.

02-nji setirde ylmy-tehniki işleriň bilimleri almaga we olary durmuşda ulnmagyň ýollaryny kesgitlemeklige gönükdirilen ylmy-barlag işleri görkezilýär.

02 setirde berilýän ylmy-tehniki işleriň möçberine ylmy-barlaglar, ylmy-tehniki işläp taýýarlamalar, şeýle hem ylmy-tehniki hyzmatlar goşulýar.

03 setirde hasabat berýän guramalar düzümine binýatlaýyn we amaly barlaglar girýän ylmy barlaglaryň möçberini görkezýärler.

Düýpli ylmy-barlag işlerine (04-nji setir) belli bir anyk maksady öňünde goýmazdan täze ylmy bilimleriň üstüni açmaga gönükdirilen eksperimental ýa-da teoretiki barlaglar degişlidir. Onuň netijesi bolsa ylmy çaklamalardan, teoriýalardan, usullardan we ş.m. ybaratdyr. Tamamlanan düýpli barlaglar alnan ylmy netijeleri praktikada ulanmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak üçin amaly barlaglary öňe sürmek boýunça teklipler bilen, çap edilýän ylmy işler bilen tamamlanýar.

Amaly häsiýetli (05-nji setir) ylmy-barlaglar, tehniki täzeçiligi işläp düzmek üçin we ony iş ýüzünde peýdalanmak maksady bilen täze ylmy açyşlary etmäge gönükdirilendir. Amaly barlaglaryň ahyrky netijesi tehniki täzeçiligi döretmeklige gönükdirilen tekliplerdir. Amaly barlaglaryň möçberi 03-04-nji setirleriň tapawudy bilen kesgitlenýär.

Ylmy-tehniki işläp taýýarlamalara (06-njy setir) barlaglaryň we amaly tejribäniň netijesinde alnan täze materiallaryň, önümleriň ýa-da usullaryň döredilmegine gönükdirilen bilime esaslanýan ulgamlaýyn işler degişli.

Taslama konstruktorçylyk we tehnologiki işlere (07-nji setir) serişdeleriň, önümleriň, prosesleriň, enjamlaryň, resminamalaryň, usullaryň täze görnüşlerini işläp düzmeklige ýa-da olara meňzeş görnüşleri döretmeklige gönükdirilen işler girýär. Bu işler öňki bar bolan obýektleri düýpli kämilleşdirmeklige hem gönükdirilip bilner.

Bu topara şu aşakdaky işler degişlidir: tehniki ulgamy ýa-da inženerçilik obýektiň belli bir konstruksiýasyny işläp düzmek (konstruktorçylyk işleri), täze obýektiň, şol sanda tehniki däl obýektiň ideýalaryny we wariantlaryny işläp düzmek, çyzgylaryň derejesinde ýa-da mälim bolan beýleki serişdeleriň ulgamyny işläp düzmek (taslama işleri), tehnologik işleri işläp düzmek, ýagny fiziki, himiki, tehnologiki we beýleki işleri zähmet bilen birleşdirmegiň tutuşlaýyn ulgamyň usullaryny, ýagny belli bir peýdaly netije berýän usullary işläp düzmek (tehnologiki işler).

Bu topara şonuň ýaly hem şu aşakdaky işler girizilýär : meňzeş görnüşleri döretmek, özboluşly modelleri, ýagny döredilýän tehniki täzelikler düýpli aýratynlyklara eýe bolan olaryň maglumat almak we tejribe toplamak üçin zerur bolan, wagtyň dowamynda synagdan geçmegi, bu bolsa soňra tehniki resminamalarda, işçi gollanmalarynda, görkezmelerde we başgalarda täzäniň gerekligi barada öz beýanyny tapmalydyr, täze önümi inženerçilik işleri önümi kämilleşdirmek, olary funksional we ykdysady talaplara laýyk getirmek, işçi çyzgylary, gollanmalary, görkezmeleri önümçilik bölümlerine bölmek maksady bilen edilýän işler girýär. Bu topara dowam edýän önümçiligiň inžener hyzmatlary, gündelik gözegçilik işleri, önümçiligi meýilnamalaşdyrmak, önümçiligiň anyk çyzgylary girmeýär. Ylmy-tehniki işleriň bu toparyna gurluşygyň taslama işleri girmeýär.

Eger-de önümler tejribelik nusgalaryny (08-nji setir) taýýarlamaklyk şertnamanyň esasy mazmuny bolup durýan bolsa we taýýarlanylan nusgalar ýa-da olaryň tapgyrlary alyjylara satylan bolsa, onda şol işler şeýle önümleriň taýýarlanyşygynyň möçberine goşulýar.

Ykdysadyýetiň pudaklaryny we senagat pudaklaryny ösdürmek we ýerleşdirmek boýunça çyzgylary düzmek we beýleki materiallary taýýarlamak kärhanalaryň taslamalaryny, gurluşygyny (desgalaryny) tehniki-ykdysady (09-njy setir) taýdan esaslandyrmak, eksperimental taslamalar, taslamalaryň we gurluşygyň öz ýurdumyzyň we daşary ýurt tejribelerini öwrenmek we umumylaşdyrmak, taslamalar, gurluşyk we arhitektura boýunça täze kada-kanunlary we döwlet ülňülerini işläp düzmek, smeta normatiwlerini, senagat toplumlarynyň baş meýilnamalarynyň shemalaryny düzmek, etrap meýilnamalarynyň shemalaryny we taslamalaryny, şäherleri, şäherçeleri, obalary gurmagyň we meýilnamalaşdyrmagyň taslamalaryny düzmek boýunça işler, önümçilige öňdebaryjy tehnologiki prosesleri, enjamlary ornaşdyrmagyň, önümçilik işlerini mehanizmleşdirmegiň we awtomatlaşdyrmagyň taslamalary boýunça işler gurluşygyň taslama işlerine degişlidir.

Öz düzüminde bölümleri bolan ýa-da gollanmanyň ýokarda sanalyp geçilen ylmy-barlag, konstruktorçylyk we taslama işlerini ýerine ýetirýän taslama ýa-da taslama ylmy-barlag guramalary hasabat işlerini ýerine ýetirýärler.

Taslama we taslama-barlag guramalary N1-ylym forma boýunça hasabata taýýarlaýjy zawodlaryň sargytlary boýunça ülňüleşdirilmedik enjamlaryň taslamalaryny işläp düzmek, jaýlaryň we desgalaryň düýpli abatlamak üçin resminamalaryny taýýarlamak, sehleri, uçastoklary üýtgedip gurmagyň we tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmagyň taslamalaryny we smetalaryny işläp düzmek bir görnüşli gurluşyk taslamalaryna birikdirip çylşyrymly bolmadyk jaýlary we desgalary gurmak we ş.m. bilen baglanyşykly taslama işlerini işläp düzmek boýunça işleriň ýerine ýetirilişi hakyndaky maglumatlary goşmaýarlar..

Ylmy-tehniki hyzmatlara (10-njy setir) ylmy bilimleri almaga, ulanmaga, ýaýratmaga ýardam berýän ylmy-tehniki maglumatlar, patentler, ygtyýarnamalar, ylmy-tehniki konsultasiýalar, önümçilige ornaşdyrmak baradaky işler we beýleki görnüşdäki işler girýär.

Hasabatdaky berilýän 01-nji setiriň maglumatlary 1-4-nji sütünleriň 02,11-nji setirleriniň jemine deň bolmalydyr.

Hasabatdaky berilýän 02-nji setiriň maglumatlary 1-4-nji sütünleriň 03,06.10-nji setirleriniň jemine deň bolmalydyr, 01-11-nji setirlerde 1-nji sütün 2-nji sütüne deň ýa-da köp bolmaly, 3-nji sütün 4-nji sütüne deň ýa-da köp bolmalydyr.

Ylmy barlag stansiýasy (YBS), ylmy barlag bölümi (YBB) we ş.m. şeýle hem kafedralarda ylmy-tehniki işlerini ýerine ýetirýän ýokary okuw jaýlary hasabatyň 1 bölüminiň 01-11-nji setirlerinde hasabat berende edilýän işleriň ähli möçberini hasaba alýar. Ondan başga-da 11-nji setirde kafedralarda ýerine ýetirilen ylmy-tehniki işleriň möçberi hakyndaky maglumatlar berilýär. Bu ýokary okuw jaýlary hasabatyň 2 bölüminde 1-6-njy sütünleriň maglumatyny doldurýarlar.

Eger-de ýokary okuw jaýlarynyň ýöriteleşdirilen bölümi bolman, ýöne kafedralaryň meýilnamalary ýa-da hojalyk hasaplaşygy esasynda ylmy-tehniki işleri ýerine ýetirýän bolsa, onda olar hasabatyň 01-11-nji setirlerini doldurýarlar. Şeýle edilende 01-nji setiriň görkezijisi 11-nji setiriň görkezijisine deň bolmalydyr. Bular ýaly ýokary okuw jaýlary hasabatyň 2 bölüminde diňe 6-njy sütüni doldurýarlar.

## 1.1.BÖLÜM
## HASABAT ÝYLYNDA YLMY BARLAGLARA WE IŞLÄP TAÝÝARLAMALARA HARAJATLAR

1.1. bölümde hasabat ýylynda ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara harajatlar (özüne düşýän gymmaty boýunça) görkezilýär.

Maglumatlar ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara degişli bolan anyk işler boýunça maglumatlary bölmek bilen we harajatlaryň görnüşleri hem-de ylymyň ugurlary boýunça toparlara bölmek bilen “Esasy önümçilik” (býujet edaralary üçin “Býujet boýunça çykdajylar”) boýunça umumylaşdyrylan maglumatyň esasynda görkezilýär.

Şonda esasy gaznany doly gaýtadan dikeltmeklige amortizasiýa tutumlarynyň jemi harajatlaryň düzüminden aýrylýar.

01 setirde hem gündelik, hem düýpli harajatlary goşmak bilen, hasabat ýylynyň başyndan bilelikde ýerine ýetirijiler bilen edilen işleri göz öňünde tutmak bilen, ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň ýerine ýetirilmegine harajatlaryň umumy jemi görkezilýär.

02 setirde hasabat berýän guramanyň öz güýçleri bilen ýerine ýetirilen ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň gymmaty harajatlara goşulmaýar. Hasabat berýän gurama bilen şertnama boýunça başga guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen we 15 setirde hasaba alnan ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň gymmaty harajatlara goşulmaýar.

03 setirde amortizasiýa tutumlaryny hasaba almazdan, ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň hasabat berýän guramanyň öz güýçleri bilen ýerine ýetirilmegine içerki gündelik harajatlar barada maglumatlar berilýär.

04 setirde sanawdaky işgärlere (buhgalteriýanyň, işgärler gullugynyň, maddy-tehniki üpjünçilik bölümleriniň we ş.m. işgärlerini goşmak bilen) zähmet haky üçin harajatlar gözkezilýär. Zähmet hakyna harajatlara kömek pullary we býujetden daşary döwlet durmuş gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna beýleki tölegler (wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça, çaga doglanda, çaga seretmek boýunça kömek pullary; işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň şypahana-kurort bejergilerine, dynç almaklaryna tölegler, önümçilikde betbagtçylykly hadysalaryň we hünär bilen baglanyşykly keselleriň hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri); şahsy, emläk we beýleki ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tölegler; işlemeýän pensionerlere tölegler; wekilçilik çykdajylary; býujet serişdeleriniň hasabatyna döwlet ylmy talyp haklary; halkara we daşary ýurt täjirçilik däl we haýyr-sahawat guramalary tarapyndan berilýän grant görnüşinde alnan pul möçberleri; gurama tarapyndan işgäre berilýän gaýtaryp berilýän karz pul serişdeleri, karz serişdelerden peýdalanandygy üçin

göterimleri tygşytlamakdan alnan maddy bähbitleriň jemi; işgärlere ýaşaýyş jaý gurluşygy ýa-da jaý satyn almak üçin berlen yzyna gaýtarylmasyz subsidiýalar we ş.m. goşulmaýar.

05 setirde 04 setirde berlen, şu hasabat formasynyň 01 sütüniniň 01 setirinde hasaba alnan (utgaşdyryp işleýänleri we raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýän adamlary goşmazdan) zähmet hakyna ähli harajatlardan ylmy barlaglary we işläp taýýarlamalary ýerine ýetirýän işgärleriň zähmet hakyna harajatlar görkezilýär.

06 setirde kanunda bellenen kadalar boýunça zähmet hakyna gaznadan işgärleriň ýokarda görkezilen toparlaryna hökmany goýberilen pullar (ätiýaçlandyryş tölegleri salynmaýan töleglerden başga) görkezilýär: durmuş zerurlygyna tutup galma (pensiýa üpjünçiligi, durmuş ätiýaçlandyrmasy we işgärlere hökmany saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy boýunça hasaplanan tölegleriň möçberi), şeýle hem önümçilikde betbagtçylykly hadysalaryň we hünär bilen baglanyşykly keselleriň hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasyna hökmany durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri. Döwlete degişli däl pensiýa gaznalaryna, meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyna tölegler hasaba alynmaýar.

07 setirde taslama düzmek, ugratmak, oturtmak üçin çykdajylary goşmak bilen, anyk mowzugy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ýörite gurallary, desgalary, enjamlary, stendleri, apparatlary, mehanizmleri, gurluşlary we beýleki ýörite enjamlary satyn almak we taýýarlamak üçin harajatlar görkezilýär. Şeýle harajatlar şertnamalar boýunça ýerine ýetirilýän işleriň özüne düşýän gymmatynyň hasabyna amala şayrylýar, olar tamamlanandan soň ýa-da bes edilenden soň galan ýörite enjam bolsa, şeýle hem tejribe geçirilen nusgalyklar, maketler we mowzugyň üstünde işlenende satyn alnan ýa-da taýýarlanylan beýleki önümler sargytça berilmeli. Görkezilen enjam ýa-da önüm sargytça gaýtarylyp berilmese, ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň mowzugy tamamlanandan soň olar tükelleşdirilýär we olaryň gymmatyna baglylykda yzyna gaýtarylmasyz gelen hökmünde esasy gaznadan esasy ýa-da dolanyşyk serişdeleriniň düzümine geçirilýär.

08 setirde enjamlara 07 setirde görkezilen ähli harajatlardan esasy serişleriň düzümine hasaba alynýan enjamlar üçin harajatlar görkezilýär.

09 setirde başga ýerden satyn alnan çig mallaryň we materiallaryň, toplumlaýjy önümleriň, ýarym taýýar önümleriň, ýangyjyň, energiýanyň ähli görnüşleriniň, tebigy çig malyň, başga guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen önümçilik häsiýetli işleriň we hyzmatlaryň, gelen maddy serişdeleriň tebigy ýitginiň kadalarynyň çäklerinde ýetmezçiliginden ýitgileriň gymmaty görkezilýär.

09 setirde harajatlara hasabat berýän gurama bilen şertnama boýunça başga guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen we 15 setirde hasaba alnan ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň gymmaty goşulmaýar.

07, 08 we 09 setirlerde enjamlara harajatlar we beýleki maddy harajatlar barada maglumatlar satyn almagyň gymmaty boýunça görkezilýär, oňa artdyrylan baha, üpjün ediji, daşary ykdysady guramalar tarapyndan tölenen komission tölegler, haryt biržalarynyň hyzmatlarynyň gymmaty, gümrük paçlary, başga guramalaryň güýçleri bilen amala aşyrylýan ugratmak, saklamak, eltmek üçin çykdajylar hem goşulýar.

10 setirde ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly, 04, 06,07 we 09 setirlerde hasaba alynmadyk gündelik harajatlaryň beýleki görnüşleri görkezilýär.

11 setirde ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara düýpli harajatlar, şol sanda: 12 setirde mellek ýerlerini satyn almak, jaý gurmak ýa-da satyn almak üçin; 13 setirde esasy gaznalaryň düzümine goşulýan enjamlary satyn almak üçin (07 setirde hasaba alnan harajatlary goşmazdan) harajatlar; 14 setirde ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar bilen baglanyşykly gaýry düýpli harajatlar hasaba alynýar.

11 setirde hasabat berýän gurama tarapyndan ýaşaýyş jaýynyň, medeni-durmuş maksatly obýektleriň we ş.m. gurluşygyna amala aşyrylan, ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar bilen baglanyşykly bolmadyk düýpli goýumlar hasaba alynmaýar.

15 setirde guramanyň ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara daşarky harajatlary hasaba alynýar. Olaryň düzümine başga guramalar tarapyndan ýerine ýetirilen ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň gymmaty goşulýar.

16 setirde guramanyň ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara içerki gündelik harajatlardan (amortizasiýany goşmazdan) 03 setirde şular görkezilýär:
17 setirde – binýatlaýyn ylmy barlaglar; 18 setirde amaly ylmy barlaglar; 19 setirde işläp taýýarlamalar.

2 maglumat

20 setirde hasabat ýylynda balans gymmatyndan we bellenen tertipde tassyklanan kadalardan ugur alnyp hasaplanan esasy gaznalary doly dikeltmek üçin amortizasiýa tutumlarynyň jemi görkezilýär, oňa olaryň işjeň böleginiň kanunçylyga laýyklykda amala aşyrylan tizleşdirilen amortizasiýasy hem goşulýar. Öz işlerini kärende şertlerinde amala aşyrýan guramalar doly gaýtadan dikletmek üçin amortizasiýa tutumlaryny hem hususy, hem kärendesine alnan esasy gaznalar boýunça görkezýärler. Býujete degişli guramalar 20 setiri hem doldurýarlar.

## 2 BÖLÜM.
## 2____-NJI ÝYLYŇ 1-NJI ÝANWAR ÝAGDAÝYNA YLMY-BARLAG, TASLAMA-KONSTRUKTORÇYLYK WE TEHNOLOGIKI IŞLERI ÝERINE ÝETIRÝÄN HÜNÄRMENLERIŇ SANY

1-nji sütünde şu aşakdaky hünärmenler görkezilýär :
özbaşdak, ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk, tehnologiki-guramalaryň, gurluşyk üçin, toplumlaýyn guramalar üçin, ylmy hyzmatlary amala aşyrýan guramalar üçin taslamalary işläp düzýän guramalardaky işgärleriň sany görkezilýär;
kärhanalar (birleşikler) - ylmy-tehniki işleri ýerine ýetirýän düzüm birliklerindäki işgärleriň sany;
ýokary okuw jaýlaryndaky işgärler, olaryň ylmy-barlag bölümleriniň sany;
beýleki guramalardaky işgärler - ylmy-tehniki işleri ýerine ýetirýän düzüm bölümleriniň sany.

2-nji sütünde ýokary we ýörite orta bilimli şeýle hem ylmy-tehniki işlerini alyp barýan hünärmenleriň sany hakyndaky görkezijiler berilýär. Şu görnüşiň 1 bölüminiň 04-nji setirinde hasaba alnan işleri ýerine ýetirmäge gös-göni gatnaşýan ylmy guramalaryň we bölümleriň ýolbaşçylarynyň sany görkezilýär.

2-nji sütünde meýilnama-ykdysady, maliýe bölümleriniň, maddy-tehniki üpjünçiliginiň bölümleriniň, ylmy-tehniki maglumatlar baradaky edaralaryň we ş.m. ýolbaşçylary we hünärmenleri hasaba alynmaýar.

3-4-nji sütünlerde 2-nji sütünde getirilen hünärmenleriň sany özleriniň bilimi boýunça toparlara bölünýärler, 3-nji sütünde doly ýokary bilimi bolanlar, 4-nji sütünde doly ýörite orta bilimliler we tamamlanylmadyk ýokary bilimliler görkezilýär.

2-nji sütüniň maglumatlary 3-4-nji sütünlerdäki maglumatlaryň jemine deň bolmalydyr.

5-nji sütünde ylmy-tehniki işlerini we ylmy-tehniki hyzmatlary amala aşyrmak bilen baglanyşykly kömekçi işleri ýerine ýetirýän işgärleriň sany görkezilýär. Muňa maliýe-ykdysady bölümleriň ylmy-tehniki maglumatlar boýunça edaralaryň, ylmy, ylmy-tehniki we beýleki ýörite kitaphanalaryň, tölegli hyzmatlaryň, şeýle-de montaž, sazlaýyş, ylmy enjamlary we gurallary abatlamak we hyzmat etmegiň işgärleri we tejribe (eksperimental) önümçiliginiň (sehleriň, uçastoklaryň) işgärleri, ýokary we ýörite orta bilimi bolmadyk laborantlar we ş.m. girýär.

5-nji sütünde buhgalteriýanyň, işgärler gullugynyň, material-tehniki üpjünçilik bölüminiň işgärleri hasaba alynmaýar.

6-nji sütünde ýokary okuw jaýlary ylmy-barlag bölümleriniň ştatynda durmaýan, ýöne, kafedralarda (ylmy-pedagogiki iş bilen bilelikde) ylmy işleriň tassyklanan meýilnamasy boýunça ýa-da hojalyk-hasaplaşygy esasynda ylmy-tehniki işleri alyp barýan adamlaryň sanyny görkezýär.

## 3 BÖLÜM.
## GOŞMAÇA MAGLUMATLAR

1-nji sütüniň 01-nji setirinde 2-nji bölümiň 2-nji we 6-njy sütünlerinde görkezilen ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk we tehnologiki işleri ýerine ýetirýän hünarmenleriň işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany hakyndaky maglumatlar görkezilýär.

2-nji sütüniň 01-nji setirinde zähmet hakynyň gory hakyndaky maglumatlar, hünärmenlere maddy höweslendiriş goryny (zähmet hakynyň gory) hem goşmak bilen görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.
## YLMYŇ PUDAKLARY BOÝUNÇA YLMY-GÖZLEG BARLAG WE TASLAMA KONSTRUKTORÇYLYK (YGKT) IŞLERINI ÝERINE ÝETIRÝÄN ÝOKARY BILIMLI HÜNÄRMENLERIŇ BÖLÜNIŞI

Ylmy pudaklar we hünärler boýunça ylmy-barlag, taslama-konstruktorçylyk we tehnologiki işlerini ýerine ýetirýän ýokary bilimli hünärmenleriň sany paýlananda, olara pedagogiki işleri bilen bir wagtyň özünde ýokary okuw jaýlarynda ylmy-tehniki işlerini hem alyp barýan hünärmenler 2-nji bölümiň 6-njy sütüni hem goşulyp görkezilýändigini hem göz öňünde tutmak gerek. Ilki bilen ylmyň degişli pudaklary görkezilýär, soňra şol pudaga girýän hünärler görkezilýär. Ylymyň her pudagynyň çäklerinde hünärler boýunça maglumatlar özbaşyna jemlenýär. Ylmyň pudaklary boýunça görkezilýän jemleýji san «Hemmesi» diýen setiriň maglumatlaryna deň bolmalydyr.

**Durmuş statistikasy müdűrligi**